# Göwnüçökgünlik

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Göwnüçökgünlik GÖWNÜÇÖKGÜNLIK

Söýüň adamlary heniz dirikä,
Ölenden soň aglamakdan peýda ýok.
Söýüň heniz jemgiýetiň birika,
Olam birden gidäýerin öýdenok.

Gözýaş dökmäň merhumlaryň üstüne,
Dirika ýanany azmydy olaň.
Duwlap ony gara ýeriň astyna,
Ol ýerde rahat ýatmagny diläň.

Bu mele toprak, Ene toprak,
Kabul eder ony öz çagasy deý.
Hemmämizi alyp gider sypyryp,
Bu yzgytsyz ajal atly tüweleý.

Azat NURGELDIÝEW, 19. 02. 2019 ý.

* * *

Nämüçindir bu gün ýüregim gysdy,
Gözlerim nemlendi, aglap bilmedim.
Ynanýan adamlam aýagmy basdy,
Agsakladym, arman, ylgap bilmedim.

Eý, ylham, nämüçin sen gamly, geldiň,
Neçün guss’a bagladyň meň ýüregmi?
Meniň ejizlänim nireden bildiň,
Nädip duýduň ýitirenmi küregmi?

Meniň münen ömür sa’lym ummanda,
Aýlanyp ýör öz ugruna küreksiz.
Meň göwnüme bu düşnüksiz zamanda,
Men deý ynsan hiç kimsä-de gereksiz.